# Sütükli haýwanlaryň ýurduna syýahat ýa-da ýüzýän adadaky başdangeçirmeler (4 bolek)

Category: Romanlar
написано kitapcy | 3 апреля, 2025



ON IKINJI BAP

Ýarygijeki Gün

Seržant Long kellesine gelen bu pikiri oýlanman diliniň ugruna aýdyp goýberen-ä däldir? Bu ýerde tans edilendigine hiç hili

şek-şübhe ýokdy, ýöne aýak yzlaryndan ýeňiljek tans edilendigi barada netije çykaryp tansy hökman fransuz edendir diýip belli-külli aýdyp oturybermek birhilirák bolýardy.

Onda-da leýtenant Gobson seržantyň o pikiri bilen razylaşdy, bu hiç kimi geňem galdyrmady. Hemme kişi haýsydyr bir syýahatçylaryň ýaňy-ýakynda bu ýere gelmeklerini, olaryň arasynda hem Westrisiň ( Westris – Gaetano Apollino Baltazare Westris (1729–1808) balet artisti, «Pariž operasy» teatrynda işlän. Ýokary tans ussatlygyny pantomima bilen üstünlikli utgaşdyrmagy başaran meşhur tansçy. Eserde onuň fransuz hökmünde görkezilendigine garamazdan, Westris milleti boýunça italýandyr.) azyndan bir ildeşiniň bolmaklygyny, tüýs bolup biläýjek zat diýip hasapladylar.

Bu ýüze çykan ýagdaýyň leýtenanty kän bir begendirmändigi, elbetde, düşnüklidir. Indi Jasper Gobsona näbelli bäsdeşleriň özünden öňürtmeginden howatyrlanmaga esas bardy, sebäbi olar Britan Amerikasynyň demirgazyk-günbatar böleginde eýýäm kaňkaşyp ýördüler. Şundan çen tutsaň, şereketiň öz etsem-goýsamlaryny näçe gizlin saklamaga çalşandygyna garamazdan, ol hakda gürrüňler Kanadanyň ýa-da Birleşen ştatlaryň telekeçileriniň gulagyna degen bolmalydy.

Duýdansyz saklanmaly bolan syýahat ýene dowam etdirildi, ýöne leýtenant gaty biynjalyk görünýärdi. Ýöne her niçigem bolsa, ol munça ýol arka atylansoň, yzyna dolanmak hakynda pikir edip biljek däldi.

Bu garaşylmadyk waka sebäpli missis Barnet leýtenantdan:

– Mister Jasper, henizem fransuzlara Arktika meýdanlarynda duşsa boljak ekeni? – diýip sorady.

– Elbetde, hanym – diýip, Jasper Gobson jogap berdi. – Fransuzlar bolmasa kanadalylara duşarsyň, olaram aslynda fransuzlar ahbetin, sebäbi olar Kanadanyň ozalky eýeleriniň nesilleri. Kanada bolsa, mälim bolşy ýaly, öňler Fransiýanyň garamagyndady! Dogrymy aýtsam, olar biz üçin ähli

bäsdeşlerimizden howply.

— Men bolsa Gudzon aýlagy şereketi birwagt Demirgazyk-Günbatar şereketini özüne birikdirensoň, indi onuň Amerika yklymynda garşydaşy ýokdur öýdüpdirin.

— Hanym, häzir, dogrudanam, biziň şereketimizden başga sütük söwdasyny edýän iri bileleşik ýok, ýöne hususyýetçiler hem-de bize düýbünden garaşsyz bolan firmalar bar. Ol firmalaryň aglabasy amerikan firmalary. Olar fransuz awçylaryny ýa-da olaryň nesillerini öz gullugynda saklaýarlar.

— Diýmek, ol firmalar fransuzlaryň gadyryny bilýän bolarly? — diýip, missis Barnet sorady.

— Dagy näme, hanym, olar gadyryny bileniňe degýär. Fransuzlaryň Kanada eýelik eden togsan dört ýylynda, olaryň awçylary hemişe ähli zat babatynda biziňkilerden ökdedi. Nätjek, olaryň aw boýunça bize görä ezberdiklerini boýun almak gerek! Garşydaşyňam bolsa, ökdä ökde diýmeli!

— Garşydaşyňa ökde diýmelidigi-hä hak! — diýip, syýahatçy zenan gürrüňdeşiniň aýdanlaryny tassyklady.

— Hawa… başga kişä diýmeseňem garşydaşyňa diýmeli… Ozallar fransuz awçylary Monrealdan çykyp, ol ýerde olaryň baş edarasy bardy, demirgazyga beýlekilerden batyrgaý gidýärdiler. Olar arly ýyl indeý taýpalarynyňkyda ýaşaýardylar, indeý gyzlaryna öýlenýänleri hem bardy. Olary «tokaý sergezdanlary» ýa-da «kanadaly syýahatçylar» diýip atlandyrýardylar. Olar indeýler bilen biri-birine dogan ýa gaýyn diýip ýüzlenýärler. Olar gaty gaýratly, çalasyn, bu günküsini tapsa, ertirini gaýgy etmeýän töwekgel adamlar, deňiz-derýada ýüzmekde hem olara taý geljek ýok. Ähli ýagdaýlara tiz uýgunlaşýan bu adamlar öz milletlerine mahsus bolan ýiti paýhasly, gönümel hem-de şadyýan. Olar nähili ýagdaý bolanda hem sebäp gözläp durman aýdym aýdyp, tans etmäge elmydama göwünjeň!

— Siz ýaňky aýak yzlarynyň eýeleri bu alys ýere sütükli

haýwanlary awlamak üçin gelendir öýdýärsiňizmi?

– Başga hili bolmaga haky ýok, hanym – diýip, leýtenant Gobson jogap berdi. – Olar, elbetde, täze awlaklary gözleýärler. Biziň olary saklap biljek gümanymyz ýok, bize diňe öz barmakçy bolýan ýerimize haýal etmän ýetmek gerek, o taýda bolsa biz hakymyzy gidermejek bolarys!

Jasper Gobson bäsdeşligiň gutulgysyzlygyna düşündi. Ol bäsdeşlerine hiç hili päsgelçilik beribem biljek däldi, şonuň üçin hem oňa öz topary bilen tizräk ýetmişinji parallelden aňry aşmak gerekdi. Belkem-de, olaryň garşydaşlary o ýere barmazlar, ol her niçigem bolsa, muňa umyt edýärdi!

Gyssagly ýola düşen kiçijik toparça Franklin aýlagynyň daşyndan aýlanyp geçmek üçin ýigrimi mil töweregi günorta tarapa düşmeli boldy. Daş-töwerek henizem gök öwsüp otyrdy. Şol öňki haýwanlar, öňki guşlar bu ýerde hem gaty kändi, Amerika yklymynyň demirgazyk-günbatar çetiniň ähli ýeriniň haýwanat dünýäsi hem şeýle ýaly bolup durdy.

Bu kenarlary ýuwýan deňiz gözýetimi tutup ýaýlyp ýatyrdy. Dogrusy, iň täze kartalarda hem Amerika kenarýakasynyň demirgazygyndaky ýerler hiç hili görkezilmändi. Syýahatçylaryň öňünde ýaýlyp ýatan deňiz dup-durudy, gämilere Bering bogazyndan polýusyň edil özüne çenli ýüzüp barmaga diňe buz harsaňlary päsgel beräýmese, başga päsgel berip biljek zat ýokdy.

Topar 4-nji iýulda, gury ýere ep-esli süsňäp girýän ýene bir aýlagyň – Uoşbern aýlagynyň daşyndan aýlananda, häli-häzire çenli näbelli kölüň üstünden bardy. Ol köl çaklaňjady, bary-ýogy iki inedördül mil meýdany tutup otyrdy. Ol köl bolup kölem däldi, ýöne bir içi süýji suwdan doly çöketlikdi, şonuň üçinem oňa köl däl-de, uly howdan diýseň ýerine düşjekdi.

Saniler ýeňiljek hem endigan typyp barýardy. Daş-töweregiň tebigaty täze faktoriýanyň esaslandyryjysyna köp zatlary wada berýärdi. Baterst burnunyň ýanynda guruljak fortuň

artykmaçlyklary juda kändi. Onuň arka gapdalynda köl, öňünde Bering bogazyna çykýan açyk ýol, ýagny ýylyň dört-bäş aýynda buzlukdan boşaýan deňiz bardy, bu bolsa sütükleri äkitmek üçinem, gerek-ýarak zatlary getirmek üçinem diýseň bähbitlidi.

Ertesi gün 5-nji iýulda günortan sagat üçlerde topar ahyrsoňy Baterst burnunyň iň çetki nokadyna geldi. Kartada ýetmişinji parallelden ýokarda görkezilen bu burnuň hakykat ýüzünde ýerleşişini täzeden kesgitlemek gerekdi. Ýöne häzir bu kenaryň gidrografiýa ýazgysyny ýeterlik derejede takyk almak mümkin däldi, şonuň üçin hem bu işi biraz soňa goýmalydy. Şol sebäpli hem Jasper Gobson bu ýerde wagtlaýyn düşlemegi müwessa bildi.

– Bu ýerde hemişelik mekan tutaýsagam bolman durjak däl ýaly-la? – diýip, kapral Jolif sorady. – Ynanaýyň leýtenant, şundan gowy ýer tapyp bolmaz!

– Meniň kapral dostum, iki esse hak alsaňyz bu ýeri gözüňize hasam yssy görünse gerek – diýip, leýtenant Gobson öz ýoldaşyna jogap berdi.

– Bolman näme, şereketiň görkezmesi bar ahyry!

– Onda ertire çenli sabyr ediň, eger-de meniň çak edişim ýaly, Baterst burny, dogrudanam, ýetmişinji parallelden demirgazykda ýerleşýän bolsa, biz bu ýerde mekan tutunarys – diýip, Gobson kapraly arkaýyn etdi.

Dogrudanam, bu ýeri faktoriýa gurmak üçin örän amatlydy. Kölüň beýikli-pesli kenaryny tokaý tutup durdy, ol tokaýdaky sosnadyr gaýyňlary, beýleki agaçlary täze fort üçinem, odun üçinem näçe çapsaň çapybermelidi. Leýtenant ýoldaşlary bilen burnuň iň çetki gyrasyna barýarka, günbatar kenaryň uzynlygyna esli öňe gidip egrelýändigini gördi. Birnäçe mil uzaklykdaky ep-esli beýiklikdäki gaýalar bu ýerden gözýetimi ýapýardy. Çöketlikde emele gelen howdanyň suwy barada aýdylanda bolsa, deňziň ýakyndygyna garamazdan, onuň suwunda duz bardygy hiç hili duýulmaýardy. Ýöne ol içmäge ýaramsyz, duzly bolaýanda hem birnäçe ýüz ädimlik gapdalda kiçeňräk dury suwly derýa

akyp ýatyrdy. Ol öz suwuny Baterst burnunyň günorta-gündogar böleginde Buzly ummana guýýardy. Onuň gaýalar bilen däl-de, çägedir topragyň syramagyndan emele gelen haýsydyr bir geň depeler arkaly ýel-borandan goralgy, deňze guýýan aýtymy tebigy gämi duralgasyny emele getirýärdi. Onda iki-üç gämi açyk deňziň şemalyndan örän ygtybarly penalanyp biljekdi. Fort gurlup, Bering bogazyndan hem gämiler bu ýere gatnap başlasalar, onda bu aýlagy gämi duralgasy hökmünde peýdalanyp boljakdy. Jasper Gobson özüniň meşhur syýahatçy ýoldaşynyň hormatyna bu derýajyga «Polina derýasy», kiçijik gämi duralgasyny bolsa «Barnetiň duralgasy» diýip at goýdy. Bu syýahatçy zenanyň özüne hem kem ýaramady.

Täze forty Baterst burnundan birneme uzagrakda gursaň, ýaşaýyş jaýynyň, ammarlaryň sowuk ýellerden, syrgyndan goragyny üpjün edip boljakdy. Diňe burnuň belentligini göz öňüňe getireniňde-de, faktoriýanyň birnäçe sagadyň içinde tutuş obalary gömýän gar syrgynynda hem hiç hili zyýan çekmejegine kalbyňda ynam döreýärdi. Belentlik bilen kölüň arasynda täze forta zerur desgalaryň ýerleşmegi üçin ýeterlik ýer bardy. Fortuň daşyna gaýanyň aşaky eteklerine çenli barýan agaç haýat çekip boljakdy, burnuň özünde bolsa harby berkitme gurmak mümkindi. Bu desgalaryň ikisem diňe gorag maksatlaryny ýerine ýetirýärdi, emma olar haýsydyr bir bäsdeşler bu ýerde mesgen tutmagy göwünlerine düwäýen halatynda örän peýdaly boljakdy. Jasper Gobson bada-bat berkitme gurmagy ýüregine düwen bolsa-da, ol öz saýlap alan ýerini goramak zerurlygynyň ýüze çykmazlygyny dileýärdi.

Howa ýakymlydy, hatda birneme yssy diýseňem boljakdy. Gözýetimde ýekeje bulut hem görünmeýärdi, ýöne asman yssy we maýyl howaly ýurtlaryňky ýaly dury däldi. Ýokary guşaklyklarda şeýle hem bolmalydy, çünki bu ýerleriň tomsunda howanyň ýüzüniň ýeňiljek dumansyz mahalyna duş gelmek mümkin däl diýen ýalydy. Gyş paslynda kenary doňup duran buz daglary gurşap alanda, şatlama sowuk, ýiti şemal misli gamçy ýaly bolup gaýalary saýgylanda, sebitiň üstüni dört aýa çekýän gijeler

bürände, häzirki asuda Baterst burny nähili görnüşe girerkä? Bu mahal Jasper Gobsonyň ýoldaşlary bu barada pikir edenokdylar, häzir howa diýseň ajaýypdy, maýyljakdy. Töwerek gök-parça bürenip, deňiz öwşün atyp durdy, adamlar hem munuň lezzetini görýärdiler.

Agşam kölüň kenarynda sanilerden wagtlaýyn düşelge guruldy. Missis Barnet, leýtenant, seržant Long, hatda Tomas Blek hem töwerege aýlanyp agşama çenli gezelenç etdiler. Bu ýeri ähli babatda juda amatlydy! Şonuň üçin hem Jasper Gobson sabyrsyzlyk bilen ertire garaşýardy. Şonda ol burnuň ýerleşişini hem-de bu ýeriň şereketiň talaplaryna laýyk gelýändigini ýa gelmeýändigini anyk kesgitlär.

— Leýtenant, bu ýerler haýran galaýmaly owadan ekeni! — diýip, astronom gezelençden gelýärkäler aýtdy. — Polýar aýlawynyň aňyrsynda şeýle gözel ýerleriň boljagyna hiç haçan ynanmazdym.

— Diýýäniňiz näme, mister Blek! Dünýäniň iň owadan ýerleri asyl şu ýerde bolýar-da! — diýip, Jasper Gobson oňa jogap berdi. — Biziň gelen bu burnumyzyň ýerleşýän giňişligini hem uzaklygyny kesgitlemäge nähili howlugýandygymy bir bilsediňiz!

— Iň esasy giňişligi bilmek — diýip, ýakyn günlerdäki Gün tutulmasyndan başga zat hakynda pikir etmeýän astronom jogap berdi. — Siziň edermen ýoldaşlaryňyz hem muňa sizden az howluganoklarmyka diýýän. Eger siz ýetmişinji parallelden ýokarda ornaşsaňyz, olaryň haky hem iki esse ýokarlanýar ahyry!

— Siz, näme, mister Blek, bu parallelden, geçmäge ylmy nukdaýnazardan gyzyklanmaýarsyňyzmy? — diýip, missis Barnet sorady.

— Gyzyklanýan, hanym, gyzyklanýan! — diýip, astronom jogap berdi. — Bu maňa örän möhüm, dogry, ýetmişinji parallelden juda aňry geçip oturmagyň meniň üçin ullakan bir zerurlygy hem ýok. Biziň takyk hasaplamalarymyza görä, maňa gözegçilik etmek ynanylan doly Gün tutulmasy, bu parallelden sähelçe aňyrda

bolup geçer. Şonuň üçin menem Baterst burnunyň ýerleşýän nokadyny kesgitlemäge gaty howlugýan!

– Ýöne mister Blek, eger-de men ýalňyşmaýan bolsam, bu Gün tutulmasy 18-nji iýulda bolmaly, şeýle dälmi? – diýip, syýahatçy zenan ondan sorady.

– Hawa hanym, Gün tutulmasy müň sekiz ýüz altmyşynjy ýylyň 18-nji iýulynda bolmaly!

– Häzir bolsa müň sekiz ýüz elli dokuzynjy ýylyň 5-nji iýuly! Diýmek, ol ýene-de bir ýyldan bolmaly-da?

– Gaty dogry, hanym – diýip, astronom jogap berdi. – Ýöne men indiki ýyl gaýdan bolsam, gijä galmagym ahmal ahyry!

– Dogry aýdýarsyňyz, mister Blek – diýip, Jasper Gobson hem gürrüňe goşuldy. – Bir ýyl ir gelip gaty oňardyňyz. Siz indi arkaýyn, özüňizi şeýle gaty gyzyklandyrýan Gün tutulmasyny sypdyrmajagyňyza gözüňiz ýetip dur. Biziň Relaýans fortundan Baterst burnuna çenli syýahatymyzam diýseň gowy ýagdaýda geçdi diýip, ynamly aýtsa boljak. Ýolda bökdençlik döräp durmady, şonuň üçin hem kän eglenmedik. Dogrymy aýtsam, men awgustyň ortalaryndan bärde kenarýakasyna gelip bileris öýdemokdym, eger-de Gün tutulmasy müň sekiz ýüz elli dokuzynjy ýylyň 18-nji iýulynda bolanlygynda, siziň ondan gijä galmagyňyz hem gaty ahmal ekeni. Onuň üstesine-de, biziň hakykatdanam ýetmişinji paralleliň aňyrsyna geçendigimiz hem entek belli däl!

– Şonuň üçinem, hormatly leýtenant, men bu syýahaty siz bilen amala aşyrandygyma birjigem ökünemok – diýip, Tomas Blek jogap berdi. – Indi men sabyrlylyk bilen geljek ýyla, şonuň bilen birlikde hem, özümiň Gün tutulmama garaşaryn. Ak ýüzli Febeýa ( Febeýa – grek mifologiýasynda Keýiň aýaly, Zewsiň aýallarynyň biri bolan Letonyň ejesi, Apollonyň we Artemidanyň enesi. Edebiýatda şugla saçýan keşpde getirilýär. ) gaty abraýly zenan, ol özüne birneme garaşylmagyna mynasyp!

Ertesi gün 6-njy iýulda Gün guşluga galan uçurlarda Jasper Gobson bilen Tomas Blek Baterst burnunyň ýerleşýän nokadyny, ýagny onuň giňişligini we uzaklygyny kesgitlemäge girişdiler. Gün şuglasyny bolluk bilen saçýardy, onuň şekili aýdyň görnüp durdy. Onsoňam ýylyň bu wagtlary onuň gözýetimden iň ýokary galýan mahallarydy, şol sebäpli hem meridianyň üstünden geçende onuň belentde durmagy gözegçilik geçirýänleriň işini üzül-kesil ýeňilleşdirmelidi.

Öten agşam, şu gün irden leýtenant bilen astronom Günüň dürli belentliklerinde sagat boýunça burçlary hasaplap, burnuň ýerleşýän uzaklygyny takyk kesgitläpdiler. Ýöne Jasper Gobsony bu ýeriň ýerleşýän giňişligi has gyzyklandyrýardy. Eger-de Baterst burny ýetmişinji parallelden ýokarda bolsa, onuň haýsy uzaklykda ýerleşýändigininiň ullakan ähmiýeti hem ýokdy.

Gün günorta bolup barýardy. Topar tutuşlygyna sekstant bilen ýaraglanan gözegçileriň daşyna egrilipdi. Bu edermen adamlar düşnükli sebäplere görä, bu ölçegleriň netijesine sabyrsyzlyk bilen garaşýardylar. Olaryň diýeni bolsa syýahat şu ýerde tamamlanýardy, çaklary çykmasa welin, topar şereketiň talaplaryna laýyk gelýän ýeri gözläp syýahatyny dowam etmelidi.

Ýöne syýahatyň dowam etdirilmegininiň kyn ýagdaýlara getirmegi hem ahmaldy. Amerika kenarýakasynyň bu bölekleriniň kartalaryndan çen tutsaň, dogrusy-ha, olar aňrybaş takyk hem däldi, Baterst burnundan başlap kenar günbatara gyşarýardy hem-de ýetmişinji parallelden aşak düşýärdi, diňe Rus Amerikasynda ýene ol guşaklykdan ýokary galýardy. Ol ýerde bolsa iňlisleriň mesgen tutmaga haklary ýokdy. Hut şu sebäpli hem Jasper Gobson demirgazyk ýerleriň kartalaryny pugta öwrenip, özüniň mekan tutmaly ýeri hökmünde Baterst burnuny saýlap alypdy. Bu burun uzyn çyzyk ýaly bolup, ýetmişinji paralleliň aňyrsyna geçýärdi, Britan Amerikasyna degişli bolan ýüzünji we ýüz ellinji meridianlaryň arasynda kenaryň başga hiç bir çykalgasy bu paralleliň aňyrsyna geçmeýärdi. Indi Baterst burnunyň, hakykatdanam, iň täze kartalarda görkezilen

ýerinde ýerleşýändigine anyk göz ýetirmek gerekdi.

Bu möhüm wezipäni üstünlikli amala aşyrmak Tomas Blek bilen Jasper Gobsonyň ýerine ýetirjek hysyrdyly gözegçiliklerine baglydy.

Gün özüniň gündizki aýlawynyň iň belent nokadyna ýetip gelýärdi. Gözegçiler öz sekstantlarynyň aýnalaryny henizem ýokary göterilmegini dowam edýän ýagtyltgyja, ýagny Güne gönükdirdiler. Sekstantda ýapgyt ýerleşdirilen aýnalar Gün şöhlesini gaýtaryp gözýetimiň derejesine çenli peseltmelidi, Günüň serpigen şöhlesiniň aşak çetiniň gözýetime galtaşan pursady ol özüniň gündizki aýlawynyň iň beýik nokadyna ýetýärdi. Bu bolsa onuň meridianyň üstünden geçýändigini aňladýardy, ýagny gözegçilik geçýän ýerde, hakykatdanam, süýr günortan bolandygyny görkezýärdi.

Hemmeler demini alman garaşýardy. Tiz wagtdan Jasper Gobson:

– Günortan! – diýip gygyrdy.

– Günortan! – diýip, edil şol sekundyň özünde Tomas Blek hem oňa jogap berdi.

Abzallary dessine aşak düşürdiler, leýtenant bilen astronom limbiň ( Limb – burç ölçelýän abzallardaky graduslara bölünen tegelek halka.) böleklerindäki alnan burçlary okap hasaplap başladylar.

Birnäçe minutdan leýtenant Gobson ör-boýuna galyp, öz ýoldaşlaryna ýüzlendi:

– Dostlar, şu günden, 6-njy iýuldan başlap, siziň wada berlen iki esse zähmet hakyny aljakdygyňyzy Gudzon aýlagy şereketiniň adyndan mälim edýärin!

Leýtenant Gobsonyň edermen ýoldaşlary hor bolup:

– Ura! Ura! Şerekete şöhrat! – diýip gygyryşdylar.

Baterst burny hem-de onuň etegindäki ýerler, hakykatdanam, ýetmişinji parallelden ýokarda ýerleşýän bolup çykdy.

Ine, ýekeje sekundyna çenli takyk hasaplanan şol ölçegler.

Uzaklyk: Grinwiç meridianyndan günbatara 127˚36’12».

Giňişlik: Ekwatordan demirgazyga 70˚44´ 37».

Bu görkezijiler täze fortuň geljekki täleýinde örän möhüm ähmiýete eýe boldy.

Şol agşam ilatly ýerden şeýle alys jelegaýda, Relaýans fortundan sekiz ýüz mildenem uzak aradaşlykda düşelge tutunan edermen ilkinji açyjylar nur-kuýaşly asman şamçyragynyň gözýetimden günbatara baryp, ýaşmaga beýle-de dursun, oňa özüniň gyzyl-ot bolup duran

alawly tegeleginiň bir erňejiginem degirmedigini gördüler.

Olara ilkinji gezek ýarygijede Gün öz şöhlesini saçdy.

## ON ÜÇÜNJI BAP

### Umyt forty

Fortuň gurulmaly ýeri gutarnykly kesgitlenildi. Baterst burnuna gysylyp duran, kölüň gündogar kenaryndaky bu tekiz ýer ýaly amatly künjek hiç ýerdenem tapdyrmasa gerek. Jasper Gobson haýdan-haý esasy binany – ýaşaýyş jaýy gurmaga başlamagy ýüregine düwdi. Häzirlikçe bolsa her kim öz islegine görä ýerleşibermelidi. Sanileriň oýlanyşykly edilip goýulmagy wagtlaýyn düşelgäniň hasam oňaýly bolmagyna uly kömek etdi.

Öz ýoldaşlarynyň ugurtapyjylygyna bil baglaýan leýtenant, gaty gitse bir aýdan esasy binanyň ýetişjegine ynanýardy. Ony topardaky on dokuz adamyň hemmesi ýerleşer ýaly giňiş edip gurmalydy, çünki ilkibada syýahatçylaryň hemmesi bile ýaşamalydy. Soňra aýaz düşýänçä, maý boldugyndan esgerler üçin öýleri we sütükdir derileri saklamak üçin ammarlary gurmalydy.

Dogrusy, Jasper Gobson bu işleri sentýabryň aýaklaryna çenli tamamlap biljegine kän bir ynam edenokdy. Oktýabrda bolsa gije uzalýar, howa bulaşyp başlaýar, aňry ýanyndanam aldajy ýaly bolup gyş geler, onsoň isleseň-islemeseň gurluşygy saklamaly boljakdy.

Kapitan Krewenti tarapyndan saýlanyp alnan on esgeriň ikisi, Sebin bilen Marbr, esasan, ökde awçy diýlip tanalýardy, galan sekizisi tüpeňem oýnasalar oýnaýandyrlar welin, palta gezek gelende hasam ýeserdiler. Edil köpügören deňizçiler ýaly olaryňam elinden gelmeýän zat ýokdy, hemme zady başarýardylar. Şonuň üçin hem häzir fort gurulýarka, ol fortuň üstüne hem hiç hili howp abanmaýarka, olary esger hökmünde däl-de, ussa hökmünde ulanmalydy.

Şonuň üçin hem Petersen, Belçer, Reý, Garri, Pond, Houp, Kellet dagy ellerinden dür dökülýän, işine jür agaç ussalaryna öwrüldiler. Olara Şotlandiýanyň Sterling şäherinde doglan, milleti boýunça hem şotland Mak-Nap ýolbaşçylyk edýärdi. Ol jaý-a beýle-de dursun, ullakan gämi gurmagam başarjakdy. Gural gytçylygy ýokdy, palta, ýylmaýgyç, byçgy, teşe, rende, ary, ýekedaban, çekiç, isgene, garaz, adyňy tutan guralyň bardy. Esger Reý hünäri boýunça demirçi ussady. Ol kiçijik göçme demir ussahanasynyň kömegi bilen hyrly myh, diş, petle, çüý, burma, nurbat – bir söz bilen aýdanyňda, agaç işlemek üçin gerek bolan ähli zatlary ýasaýardy. Ussalaryň arasynda diňe kerpiç örýän ýetenokdy, ýöne onuň geregi hem ýokdy, sebäbi demirgazyk faktoriýalaryň ähli desgalary diňe agaçdan salynýardy. Baterst burnunyň töweregi bolsa durşuna tokaýlykdy. Ýöne geň ýeri hiç ýerde gaýa, harsaň daş, hatda çagylam ýokdy. Toprak bilen çägeden başga hiç zat ýokdy. Bu ýagdaý şobada Jasper Gobsonyň ünsüni çekipdi. Kenar tolkunyň zarbyna gapaklary çat açan san-sajaksyz balykgulaklardan, deňiz ösümliklerinden, aglaba bölegi deňiz kirpileridir deňiz ýyldyzlaryndan ybarat bolan zoofitlerden ( Zoofitler – özünde haýwanlaryň we ösümlikleriň alamatlaryny saklaýan geçiş döwrüniň aralyk jandarlary.) doludy. Leýtenant bu giden ýerde

ýekeje daşyňam, kremniý döwügininiňem, bir bölek granitiňem ýokdugyna missis Polina Barnetiň hem ünsüni çekdi. Aslynda, burnuň özi hem ösümlikleriň köküniň kömegi bilen zordan saklanyp duran ürgün topragyň üýşmegidi!

Şol gün ikindinler Jasper Gobson bilen agaç ussasy Mak-Nap esasy binany gurmaga ýer saýlamak üçin, Baterst burnunyň etegindäki meýdana gitdiler. Ol ýerden günbatara seretseň, kölem, on-on iki mile uzalyp gidýän ýerlerem eliň aýasynda ýaly görnüp durdy. Sag tarapda dört mil töweregi uzaklykda belent gaýalar ýeňiljek ümrüň içinde seňňer atyp durdy. Çep tarapda uç-gyraksyz sähra uzalyp gidýärdi, ony gyşyna ummanyň we çöketligiň üstündäki doň garlardan tapawutlandyrybam boljak däldi.

Jasper Gobson bilen mister Mak-Nap ýer saýladylar-da, inçejik ýüp çekip guruljak jaýyň çäklerini bellediler. Olar jaýyň öň tarapy altmyş fut uzynlykda bolup, onda howla çykýan bir gapy bilen üç äpişge, arka tarapynda bolsa köle bakyp duran dört äpişge bolmaly diýen karara geldiler. Jaýda ýaşaýyş otaglary mümkin boldugyça köpeltmek üçin, gapyny ortadan däl-de, çep gyradan goýdular. Onsoňam gapynyň şeýle goýulmagy jaýyň beýleki gyrasynda ýerleşen içki otaglary sowukdan goramalydy.

Jaýa giren ýeriňde sowukdan goranar ýaly iki gat gapyly däliz bardy, ondan geçseň aşhana barýardyň. Ol nahar taýýarlananda ýaşaýyş otaglaryna çyg, ys-kok ýaýramaz ýaly, ýörite çykalga golaý goýlupdy. Üçünji otag uly zal bolup, onda topary ähli adamlary her gün üýşüp naharlanmalydylar. Ondan soň gämiň kaýutalaryna meňzäp duran kiçijik otagjyklar gidýärdi. Leýtenant bilen agaç ussasynyň gazygyny kakan jaýynyň çyzgysy, ine, şunuň ýalydy.

Esgerler wagtlaýyn uly zalda ýaşamalydylar, onuň aýagujunda olara bütewi, giňiş seki goýulmalydy. Leýtenant, missis Barnet, Tomas Blek, Mej, missis Jolif, missis Mak-Nap we missis Reý jaýyň dördünji bölegindäki otagjyklarda ýerleşmelidiler. Dogrusy, jaý daryşgandy, ýöne bu ýagdaý uzaga

çekmeli däldi. Esgerler üçin ýaşaýyş jaýy taýyn bolan dessine, esasy jaý toparyň ýolbaşçysynyň, seržantyň, astronom Tomas Blekiň missis Polina Barnetiň hem-de onuň ýanyndaky wepaly jorasy Mejiň ygtyýaryna berilmelidi. Ondan soň bolsa leýtenant aralykdaky wagtlaýyn germew-diwarlary aýyrmagy hem-de jaýyň dördünji böleginiň otag sanyny azaltmagy göz öňünde tutýardy. Ol ýerde bary-ýogy üç otag bolmalydy, şeýdilse jaýdaky burçlar hem azaljakdy. Sebäbi sowuk ülkelerde gyşlamaly bolýan adamlaryň arasynda «öýüň burçy — belaň künji!» diýen gürrüň bardy, olar muny hiç mahal ýadyndan çykarmaýardylar. Bu gürrüňiň gelip çykmagynyň sebäbi gyşyna jaýyň burçlary, gyrak-bujaklary doňýar, çünki aralykdaky germewler öýe howa çalmagyny bökdeýär, onsoň çüňklerdäki yzgarlar heňläp otagy ýaşar ýaly edenok. Olar her dürli keselleriň döremegine hem getirýär. Şonuň üçinem deňizçileriň aglabasy buzlardan geçip bilmän gyşa galanlarynda öz gämilerindäki germewleri aýryp, gäminiň içinde bir umumy otag döredýärler, esger-serkerde diýmän deňizçileriň ählisi şol ýerde ýaşaýar. Ýöne Jasper Gobsonyň toparyndaky hemme adamlary bir otagda ýaşadyp bilmejegi öz-özünden düşnüklidi.

Görşümiz ýaly, täze fortuň esasy jaýy bir gatdan ybarat bolmalydy, onuň uzynlygyna gidýän eşekgeriş üçegi ýagyn üstünde saklanmaz ýaly güýçli ýapgyt edilmelidi. Dogry, ony näçe çüreldeňde-de, gar onuň üstünde galjakdy, ýöne galyň gar gatlagynyň peýdasy hem bardy. Ol üçekdäki ownuk-uşak yşlary mäkäm bekläp, jaýyň ýylylygyny üpjün etjekdi. Aslynda hem, gar ýylylygy gowy saklaýan närse, dogry, ol daşardaky ýylylygy hem öýüň içine geçirmez, ýöne näme, Arktika gyşlarynyň maýyl güni barmy diýsene, iň esasy zat onuň öýüň içindäki ýylylygy saklamagy.

Gurluşykçylar tüsse çykar ýaly iki sany turbany jaýyň depesinden ýokarlygyna çykarmalydylar. Olaryň birisi aşhanadaky ojagyň üstünden çekilmelidi, beýlekisi bolsa uly zaldaky pejiň üstünden çykmalydy. Bu jaýy binagärlik nusgasy ýaly birgeňsi edip gurjak bolýan ýokdy, ýöne oňa derek ol

ýaşamak üçin oňaýly bolmalydy. Arktikanyň aldajy sowugynda adamlara başga näme gerek?! Ony diýseňem, polýar gijeleriniň ümüş-tamyşlygynda bekine tutan syrgynyň içinde oturan, büdür-südür agaçlar kakylan, ýarysy gara gömlen, tutuşlygyna çuw ak bolup duran, üstündenem lemmerlenip çal tüsse çykýan bu jaýyň täsin, tukat hem örän tolgundyryjy görnüşi, ony bir gören suratkeşiň hiç mahal göz öňünden gitmez.

Şeýlelikde, täze jaýyň gazygy kakylyp, çyzgysy taýyn edilipdi. Indi ony salmaga başlamalydy. Bu bolsa Mak-Napa we onuň elinde işleýänlere baglydy. Agaç ussalar jaý salýarkalar toparyň awçylary hem gol gowşuryp oturmaly däldi, azyk üpjünçiligi olaryň boýnuna ýüklenipdi. Garaz, hemme kişä iş tapylýardy.

Ilki bilen, Mak-Nap gurluşyga ýaramly agaçlaryň gözlegine çykdy. Ol baýryň üstünde şotland sosnalaryna kakyp duran sosna tokaýlygyny görüpdi. Agaçlar ortaça beýiklikdedi, bu bolsa guruljak jaý üçin tüýs geregidi. Munuň ýaly ýönekeýje jaýlar salnanda diwarlaram, germewlerem, eşekgerişem, üçegiň gapyrgalaram, sütünlerem, ýuka tagtajyklaram diňe agaçdan, pürsden hem-de tagtadan edilýärdi.

Munuň ýaly jaý salmak üçin binagärlik sungatynyň aňyrsyna çykan, Hakdan içen ussa bolmak hökmanam däldi. Mak-Nap hem hasyr-husur işe başlady, ýöne ol gyssanyp harsallyga ýol berenokdy. Ol syrdam ösen sosnalaryň ýüzlerçesini saýlady hem-de ýerden bir fut ýokarsyndan byçgylap kesdi. Olaryň şahalaryny pürdediler, ýöne gabyklaryna degmediler, gyrdamadylaram. Olardan ýigrimi futlyk pürsler emele geldi. Olary diňe biri-birine seplemek üçin, oýmaly ýerine paltadyr teşe degdi, galan ýeri durşy-durşuna galdy. Şonda-da bu iş eslije wagt aldy. Birnäçe günden itleriň kömegi bilen sosnalar esasy binanyň salynmaly ýerine getirildi.

Olary gyrdaşdyryp mazaly tekizlediler. Ýurt ýerindäki toýundan hem ownujak çägeden ybarat bolan toprak depgilenip göwnejaý demrikdirildi. O ýerde biten otlardyr gyrymsy agaçlary duran ýerinde otladylar. Olaryň küli ýeri garaldyp durdy. Kül

gatlagynyň ýeriň yzgarlamazlygyna hem nepi degjekdi. Şeýlelikde, binanyň gurluşygy üçin gury hem tekiz meýdan emele geldi. Indi Mak-Nap jaýyň binýadyny emele getirjek ilkinji kese agaçlaryny arkaýyn goýuşdyrybermelidi.

Taýýarlyk işleri birýan ýüzli edilensoň, jaýyň burçlarynda hem-de içerki diwarlaryň birigýän ýerlerinde dikmek üçin sütünleri getirdiler. Olar jaýyň süňňüni saklamalydy. Olaryň ujuny ýakyp garaltdylar, soňra bolsa birnäçe fut çuňlukda ýere sanjyp dikdiler. Bu sütünleriň arasyndan iç ýüzi az-kem syrdalan pürsleri ýanyn ýatyryp ördüler. Olarda gapy, äpişge ýeri öňünden goýlupdy. Pürsleriň iň ýokarkysy tejegora ( Tejegor – (başgaça, täjigor, karniz) jaýyň diwaryň ýokarsynda keseligine öňe çykyp duran haşamly bölegi.) berkidildi, ol bolsa sütüniň sepine çuň girip oturýardy hem-de daşky diwary berkidýärdi. Tejegora şweýsar şalelerindäki ( Şale – Şweýsariýanyň dag obalaryndaky kiçeňräk öýjagaz.) ýaly öýüň üstünden sallanyp duran fermalar ( Fermalar – öýüň üstki örtügini saklaýan biri-birine birikdirilen pürsler.) berkidildi. Tejegoryň gönüburçly esasynyň üstünde petigiň, kül gatlagynyň üstünde bolsa poluň pürsleri oturýardy.

Daşky pürslerem, içki pürslerem biri-birine mümkin boldugyndan mäkäm salnyp jebislenipdi. Demirçi Reý käbir ýerleriň jebis durmagy üçin olary deşdi, ol deşikleriň içine ýekedaban bilen urup, uzyn hyrly myhlary jebisläp girizdi we onuň ujuna nurbat towlap berkitdi. Bu diwarlara, elbetde, birkemsiz, aňrybaş diwarlar diýip aýtmak bolmaz. Diwarlarda yş kändi, olara nämedir bir zatlary dykyp beklemelidi. Mak-Nap ol deşikleri gäminiň diwarlarynyňky ýaly edip, bir damja suw syzmaz ýaly çüprekläp petiklemekçi boldy. Çüprek deregine ol burnuň gündogar eňňidiniň üstüni örtüp oturan gury mohlary peýdalanmagy ýüregine düwdi. Mohlary düýrleşdirip jaýryklara dykdylar, isgene bilen dürtüşdirip, soňra hem tokmaklap mazaly demrikdirdiler, üstündenem gyzgyn şepbik guýdular. Sosna agaçlarynda şepbik näçe diýseň bardy. Şunuň ýaly örülen diwarlar, şeýdip düşelen pollar asla yzgar çekmeýärdi, olar

galyň bolansoň gyşyň şatlama sowugyndanam, çapgyn şemalyndanam ygtybarly gorajakdy.

Gapyny oturtdylar, jaýyň ikiýan gapdalyna-da, büdür-südürrägem bolsa pugta çüýlenen penjireleri goýdular. Aýna ýokdy, şonuň üçinem oňa derek balyk ýelimi diýlip atlandyrylýan buýnuzpisint, bulançak sary maddadan taýýarlanan ýuka örtükler ulanyldy. Aýnalaryň ullakan bir geregem ýokdy, tomsuna içerik ýel çalmagy üçin penjireler hemişe açyk durjakdy, gyşyna bolsa penjireleriň gabsasy nähili gaý-tupan bolsa-da saklar ýaly, nurbatlanyp pugta ýapylmalydy, sebäbi garalyp duran Arktika asmanyndan öňi-soňy ýagty düşjek gümany ýokdy.

Öýüň we otaglaryň içini taraşlamak hem dessine tamamlandy. Däliziň ikinji gapysy daşky gapynyň iç ýüzünden goýlupdy, ol girip-çykýanlary öýüň ýyly howasyndan birden sowuga çykyp, şemal çalmagyndan goramalydy. Iki gat gapy şatlama sowugyň, çygly howanyň köwsarlap içeri girmezligine hem kömek etmelidi. Ondan başga-da, öýüň içinde Relaýans fortundan getirilen ep-esli sygymy bolan howa sorujylar hem oturdylypdy, güýçli sowuk sebäpli penjirelerdir gapylary açyp bolmadyk halatynda olaryň kömegi bilen arassa howa goýberip, içeriň howasyny çalyşmak bolýardy. Howa sorujylaryň biri içeriň petiş howasyny daşary çykarýardy, beýlekisi bolsa daşardan arassa howany sorup ýörite howa saklaýan gaby çişirmelidi, soňra onuň içindäki howany näçe gerek bolsa ulanyp bolýardy. Leýtenant Gobson bu howa sorujylaryň oturdylyşyna dykgat bilen üns berdi, çünki kyn ýagdaýda jaýyň içinde ýaşaýanlar üçin olaryň belli bahasy ýokdy.

Aşhanadaky esasy enjam Relaýans fortundan sökülgiligine getirilen ullakan çoýun peçdi. Demirçi ussa Reýe ony ýerbe-ýer goýup gurnamak o diýen kyn düşmedi, onuň kän bir wagtynam almady. Ýöne aşhanadaky hem-de zaldaky pejiň tüsseçykarlaryny, turbalaryny guramak üçin birneme hysyrdamaly boldy, ony göwnejaý goýmak üçin kän kelle döwmeli boldy. Ýuka demirden edilen turbalar gije-gündiziň deňleşýän döwründäki çapgyn şemala döz gelip biljek däldi, oňa görä has mäkäm serişde

ulanmak gerekdi. Jasper Gobson agaçdan bir zatlary ýasap tasa getirmekçi boldy, ýöne olam başa barmady, şonuň üçinem ol munuň başga bir tärini tapmaly diýen karara geldi. Eliň aşagynda daş bolanlygynda bu işiň müşgili hem boljak däldi, ýöne hälki aýdyşymyz ýaly, Baterst burnunda, näme üçindir, asla, daş ýokdy. Oňa derek deňziň çägesöw kenary millionlarça balykgulaklara basyrylyp ýatyrdy.

– Onda näme, Mak-Nap, peç turbalaryny balykgulaklardan ýasamaly bolarys-da – diýip, leýtenant Gobson agaç ussasyna ýüzlendi.

– Aýdýanyňyz näme, balykgulakdanam bir turba ýasap bolarmy? – diýip, ol ör-gökden geldi.

– Ýasap bolar, Mak-Nap, ýasap bolar – diýip, leýtenant Gobson ynamly gürledi. – Ilki bilen, olary owradarys, soňam ýakyp heke öwreris. Ol heki bolsa kerpiç guýan ýaly guýup turba öreris.

– Boldy-boldy, indi düşündim, balykgulakdan etmeli bolsa, balykgulakdan ederis – diýip, agaç ussasy jogap berdi.

Leýtenant Gobsonyň kellesine gelen pikire bir zat diýer ýaly däldi, şonuň üçinem dessine ony ýerine ýetirmek bilen boldular. Kenarda ýatan hekli balykgulaklaryň san-sajagy ýokdy. Üçülenji döwrüň ( Üçülenji döwür – Kaýnozoý eýýamynyň birinji geologik döwri.) aşaky gatlaklaryndaky hek daşlary hut şeýle balykgulaklardan emele gelendi.

Mak-Nap öz garamagyndakylara balykgulaklaryň birnäçe tonnasyny ýygnamagy buýurdy. Soňra balykgulaklaryň düzümindäki kömürturşuly duzlary eredip aýyrmak üçin ýörite peç gurdular. Ahyrsoňy bolsa edil kerpiç örüjileriň ulanýan heki ýaly hek aldylar.

Bu işe tutuş bir gün gitdi. Jasper Gobson bilen Mak-Nap bu ýönekeýje usulyň kömegi bilen gowy, doýgun, arassa, öllenende aňsat bölünýän hem-de çalt gataýan goýy madda aldy diýsegem

boljak. Ýöne beý diýsek birneme ulaltdygymyz bolar. Garaz, bu hekden ýasalan kerpiçler turba örmäge doly ýarady. Birnäçe gün geçensoň, jaýyň üstünden iki sany çüri turba ýokaryk çykdy. Turbalaryň berdaşly hem ýasy edilip gurulmagy, olaryň nähili çapgyn ýel öwsende hem döz geljegininiň kepilidi.

Missis Barnet leýtenant bilen agaç ussasyny aňsat bolmadyk bu işiň üstünlik bilen hötdesinden gelendikleri mynasybetli gutlady-da:

— Ýöne özleri tüsselemeseler bolýa-la — diýip, ol gülümsiräp sözüniň üstüne goşdy.

— Tüsselemesine tüsselär, hanym — diýip, Jasper Gobson giňgöwrümlilik bilen jogap berdi. — Tüsselemez diýib-ä pikirem etmäň, turba bolsa tüsselemeli bolar-da!

Şeýlelikde, bary-ýogy bir aýyň içinde birgiden iş edildi. Täze jaýa dabara bilen göçüp barmagy 6-njy awgusta bellediler. Mak-Nap bilen kömekçileri aldygyna haýdap işleýärkäler, missis Jolif hem aşhanadaky pejiň başynda biş-düş edýärdi, Jasper Gobsonyň ýolbaşçylygynda seržant Long, kapral Jolif, şeýle hem awçylar Marbr bilen Sebin dagy bolsa, Baterst burnunyň töwereklerini terslin-oňlyn sökdüler. Bu ýerde sütükli haýwanlaryňam, guşlaryňam köplügine olaryň göwünleri göterildi. Olar entek yzygiderli aw etmäge başlamandylar, awçylar häzir diňe awlaglary öwrenýärdiler. Haýwanlaryň häzir köpelýän wagtydy, ýene biraz sabyr edilse, fortuň süýt-gatygy hem üpjün boljakdy. Mal hökmünde ulanylmaly haýwanlary daşyna agaç aýlanan agyla gabamak gerekdi. Agyl ýaşaýyş jaýdan elli ädimlik gapdalda gurlupdy. Mak-Napyň aýaly indeý gyzy bolansoň sugunlary idetmekden başy çykýardy, şonuň üçin hem bu iş oňa ynanylypdy.

Missis Barnet bilen Mej bolsa, içerini tertibe salmaga başlady. Akylly hem mylaýym zenanlaryň hysyrdylarynyň netijeleri tiz wagtdan göze görnüp başlady. Olaryň birjik-de gözden salman eden öýüň ownuk-uşak işleri, Jasper Gobsonyň

hem-de onuň ýoldaşlarynyň otursa-tursa ýadyna düşjek däldi.

Töwerekdäki birnäçe mil meýdany barlap mazaly öwrenensoň, leýtenant özüniň göwnüni maýyl eden bu ýeriniň bir ýüz elli inedördül mil töweregi giň ýarym adany emele getirýändigini anyklady. Giňligi bir mil töweregi bolan gury ýer zolagy ony Amerika yklymy bilen birikdirýärdi. Bu zolak günbatarda Uoşbern aýlagyna, gündogarda bolsa yklymyň içine süsňäp girýän goltuga direýärdi. Leýtenantyň «Wiktoriýa» diýip at beren bu ýarym adasynyň çäkleri şunluk bilen takyk kesgitlendi.

Soňra Jasper Gobson kölüň hem-de deňziň baýlyklaryny öwrenmekçi boldy. Tiz wagtdan ol kölüň ýalpak suwlarynda azatmahy, çortan ýaly süýji suwda ýaşaýan balyklaryň örän boldugyny bildi. Derýajyk akym boýunça ýokarlygyna ýüzýän azatmahylaryň, koryuşkalaryň ( Koryuşka – azatmahy şekillilere degişli kiçeňräk balyk.) ýene-de haýsydyr bir owunjak balyjaklaryň sürülerini öz penasyna alýardy. Deňziň jandarlary köldäkä garanyňda seýrek ekeni. Dogry, mahal-mahal ägirt uly kitler, kaşalotlar, delfinler uzaklardan ýüzüşip geçýärdiler. Olar, megerem, Bering bogazynyň kit awçylarynyň garpunlaryndan ( Garpun – uly deňiz haýwanlaryny, balyklary awlamak üçin ulanylýan uzyn tanapaa berkidilen naýza görnüşli ýarag.) sypmak üçin bu ýerlere gelen bolsalar gerek. Kim bilýär, deňiz bir günden bir gün ol kitleriň birini kenardaky saý ýere çykaraýmagam ahmal. Baterst bogazyna göçüp gelenler diňe şonuň ýaly ýagdaýda olary ele salyp biljekdiler. Kenaryň günbatar bölegine süri-süri bolup düwlenler gelýärdi, ýöne Jasper Gobson öz nökerlerine biderek ýere haýwanlary gyrmagy gadagan etdi. Asla aw etmäge zerurlyk ýüze çykjakmy beri, bu az-kem soňra belli bolar.

Şeýlelikde, 6-njy awgustda Baterst burnuna göçüp gelen adamlar özleriniň täze jaýlaryna girdiler. Olar köpden bäri täze fortlaryna kybap gelýän at gözleýärdiler. Ep-esli çekeleşip, ahyrsoňy bir adyň üstünde durdular.

Bu jaý, has dogrusy, fort şol wagt Amerikanyň kenarýakasyndaky

şerekete degişli fortlaryň iň demirgazykda ýerleşenidi. Täze fort «Umyt forty» diýlip atlandyryldy.

Dogry, ol forty iň täze kartalardanam tapyp bolmaýar. Munuň sebäbi häzirki zaman kartalarynyň nätakyklygy bilen baglanyşykly däldir. Oňa fortuň täleýiniň ters gelmegi sebäp boldy.

(Dowamy bar).

***Rusçadan terjime eden Gurbangeldi MÄMMETSÄHEDOW***